# Bozgurt salamy we türk-nemes gatnaşyklary

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bozgurt salamy we türk-nemes gatnaşyklary BOZGURT SALAMY we TÜRK-NEMES GATNAŞYKLARY




Türkiýe bilen Germaniýa kagyz ýüzünde iki soýuzdaş we dost ýurt bolsa-da, iki tarapyñ biri-birlerine bolan garaýşy aradan geçen ençeme ýyllaryñ dowamynda doly çaprazlykda geçdi.
Türkleriñ gözünde Germaniýa güýçli ykdysadyýeti, aýry inženerlik üstünligi bolan tehnologogiki önümleri, «BMW», «Mersedes», «Audi», «Bosch», «Volksvagen», «Opel» ýaly göz gamaşdyryjy markalary bilen hemme taraplaýyn gözügidijilik bilen garalýan ýurt bolupdy.
Nemesleriñ gözünde bolsa, Türkiýe elmydama Günbataryñ goldawyna mätäçlik duýýan, Günbataryñ kesgitlän ugry boýunça hereket edýän we wagty gulagyndan çekilýän ýurtdy.

Iki pikirem indi howply görnüşde möwritini geçirdi we güýjüni ýitirdi.
Ne Germaniýa indi çar ýany abat, ajaýyp ülke, ne-de Türkiýe Günbatara garaşly, onuň sözünden çykmaýan, pukara, ikinji derejeli ýurt.
Türkiýäniň soňky ýigrimi ýylda durmuşa geçiren maksatnamalary indi ony sebitleýin güýç bolmakdan çykaryp, çaltlyk bilen hemme ýerde sözi diňlenýän we üns berilýän güýje öwürdi. Hawa, bu ýurt indi ýeri gelende supergüýçler bilen kelle süsüşip, ugruny we ümzügini öz bähbitlerine görä kesgitläp bilýär.
Meselem, Ýewropa bileleşigi (ÝB) Waşingtonyň görkezmesinden çykyp bilmän Russiýa bilen gatnaşyklaryny ýatyran bolsa, Türkiýe Günbatar blogynyň agzasydygyna garamazdan Russiýa bilen dostana gatnaşyklaryny dowam etdirip we Günbataryň sanksiýalaryna goşulman, öz bähbitlerini öňe tutupdy. Emma Germaniýanyň bolşy täze Türkiýäniň hakykatyny aňlamakda kynçylyk çekýändigini görkezýär.
Berlin şindizem garşysynda Günbataryň öňünde gol gowşuryp duran birmahalky Türkiýe bar ýaly hereket edýär.
Germaniýanyň Daşary işler ministri Nensi Fezeriň Türkiýäniň Milli futbol ýygyndy toparynyň oýunçysy Merih Demiralyň eden bozgurt salamyna bildiren nägileligi munuň iň soňky görkezijisi boldy.
Germaniýa Türkiýede «Grauen Wölfe», ýagny «Bozgurtlar» ady bilen ekstremistik-sagçy syýasy topary bardygyny, bozgurt salamynyňam milletparaz simwoly aňladýandygyny öňe sürýär.
Ilki bilen Türkiýede «Bozgurtlar» ady bilen syýasy hereketiň ýokdugyny aýdalyň. Nemesleriň aýdýany «Ülkü ojaklary» bolsa gerek.
«Ülkü ojaklary» bolsa, agzalaryny we tarapdarlaryny köne türki urp-adatlaryny ýöretmäge çagyrýan we türklik duýgusyny hemişe diri saklamaga dyrjaşýan gurama.
Onuň agzalarynyň arasynda Türkiýede ýaşaýan ähli etniki toparlardan adamlar bar.
Ýadyma düşýär: Segseninji ýyllarda meniň yaş wagtym ýaşan posýologymda Ülkü ojaklarynyň bölüm başlygy posýologyň tanalýan kürt işewüridi.
Kakamyň Alparslan Türkeş bilen düşen suratyny görende, ol ullakan göwresini egip, onuň elini ogşapdy. Ýagny, ülküjilige (milli idealizme) hemme etniki topardan bolan adamlar göwün beripdi.

Türk halkynyň we Türkiýäniň taryhynda hiç mahalam milletparazlyk bolmandyr. Bolan bolsa, rumlar, ermeniler, jöhitler ýüzlerçe ýyllap Stambulyň iň gowy ýerlerinde ýaşamazdylar. Ýa-da 350-400 ýyla ýakyn wagt osmanly agalygynyň düzüminde bolan Balkan ýurtlarynyň birnäçesinde häzir döwlet dili türkçe bolardy. Edil häzir Afrikada birnäçe ýurduň fransuz we iňlis dillerinde gürleýşi ýaly.
Nensi Fezer bozgurt salamyny tankyt etmezden öň Berlindäki Gumboldt adyndaky uniwersitetinde işleýän gündogarşynas mugallymlara geňeş salan bolsady, munuň türkleriň milli eposy «Ergenokon» bilen baglanyşyklydygyny we hiç bir tarapdan milletçi simwol däldigini bilerdi.
Elbetde, Germaniýa Türkiýedäki üýtgeşmeleri, soňky ýyllarda hasaba alynan öňegidişlikleri, Türkiýäniň birmahalky gowşak we passiw ýurt däldigini gowy bilýär. Ol diňe şony kabul etmekde kynçylyk çekýär. Şonuň üçinem amatyny tapsa Türkiýäniň aýagyna badak salmaga synanyşýar.
Türkiýedäki üýtgeşmeler hakykatdanam duşmanyň gözüni hanasyndan çykardyp biljek tüýsden. Birnäçe ýyl öň ABŞ-dyr Ysraýyl dron meselesinde bökdençlik döretdi welin, Türkiýe bu ugra ýönelip, öz önümi bilen dron ýetmezçiligini dolduryşy ýaly, birnäçe yurda uçarmansyz ýaragly we ýaragsyz howa ulaglaryny satmaga başlady.
Germaniýa «Leopard» tanky meselesinde ykgy-pykgy etdi welin, Türkiýe muňa öz «Altaý» tankyny öndürip jogap berdi.
ABŞ «F35», Germaniýa «Eurofighter» meselesinde bökdençlik döredende, Türkiýe öz söweşjeň uçaryny öndürmek üçin ýeňini çyzgady.
Şeýlelik bilen geçen aýlarda synag uçuşlary üstünlikli geçen bäşinji tapgyr söweşjeň uçary bolan «Kaan» orta çykdy.
Bu edil agyr küşt oýny ýaly bir zat. Türkiýe garşydaşlarynyň edýän her hemlesini ussaylyk bilen yzyna serpikdirip öňe gidip barýarka, olar indi futbol duşuşygyndaky şatlykly pursatlardanam haraý gözläp, Ankaranyň keýpini gaçyrmaga synanyşýar.
Ýogsam bolmasa, «It üýrer, kerwen geçer» diýen türkmen nakylynda aýdylyşy ýaly, Türkiýe sagyna-soluna seretmän göz öňüne tutan maksadyna sary ýöremegini dowam etdirýär.
Nemes ministriniň bozgurt salamy baradaky eden çykyşyna akylly-başly nemesleriň köpüsi «Germaniýanyň başga işi ýokmy, ministr Fezer Türkiýe bilen gidişenden öz öňünde goýlan

materiallara seretsin, çözülmegine garaşýan birgiden problemamyz bar» diýip, garşylyk berdi.
Hakykatdanam Germaniýa birgiden problemalary başdan geçirýär: gojalşan ilat, gadymy bina ýaly tutan ýeriñ gopup ýaran köne infrastruktura, abatlanmaly ýollar, okuw jaýlary, köprüler, hersi aýry gurluşyk meýdançasyny ýada salýan otly duralgalary, dowamly gijä galyp gelýän otlylar, işgär tapmaýan hassahanalar, saglyk merkezleri, garrylar öýleri, barha artýan we indi 30%-e golaýlan migrant gelip çykyşly etniki azlyk.
Informatika tehnologiýasynda Hytaý, Günorta Koreýa, ABŞ ýaly tehnologiýa läheñlerinden azyndan ýigrimi ýyl yza galan Germaniýa bar indi. Şonuñ üçinem häzir elektron enjamlary satylýan dükanlarda Germaniýada öndürilýän noutbuklary, planşetleri ýa-da el telefonlaryny göremzok. Hemmesi Hytaýda, Günorta Koreýada, ABŞ-da öndürilen tehnologiki önümler.
Germaniýanyñ ýeke-täk gowy ugry awtomobil senagatydy. Bu ugur boýunça-da Hytaý ýakynda ondan ozdy.
Indi diñe dünýä bazarynda däl, nemes bazarynda-da hytaý önümleri bazara eýelik edýär. Hytaýyñ başyny çekýän täze dünýä düzgünininiñ oýunçylary – Hindistan, Russiýa, Günorta Afrika, Braziliýa, Türkiýe ýaly ýurtlar.
Germaniýa şan-şöhrat we bol-elinlik bilen doly günleriniñ geçen asyrda galandygyny, indi sahnada täze oýunçylaryñ bardygyny bilse gowy bolardy. Ýogsam bolmasa, ol muny ajy tejribe bilen öwrenmeli bolsa gerek.
Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 09.07.2024 ý. Publisistika